# Şahyrlar bir gezek söýýän däldirler

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Şahyrlar bir gezek söýýän däldirler ŞAHYRLAR BIR GEZEK SÖÝÝÄN DÄLDIRLER

Şahyrlar bir gezek söýýän däldirler,
Olar aşyk bolya gaýta-gaýtadan.
Ejizdir olaryñ gorag galkany,
Gözellikden gaýdan ýiti naýzadan.

Kä ýapraga, käte güllere aşyk,
Hat-da tikeni-de söýüp göýbärler
Gorkmaz öz kalbynyñ ynjamagyndan
Ajyny-süýjini duýup görýäler

Eger gijelere aşyk bolsalar,
Gökden ýyldyzlaram alasy geler.
Arşda aýy bagra basaýyn diýip
Kä olañ Gagarin bolasy geler.

Garaz, ýekän-ýekän sanap çykardan,
Olaryñ söýjegi şeyle kändirler.
Şahyr, her gün bu barlyga aşykdyr.
Şoñ üçin bir gezek söýýän däldirler.

Kerim ATÇAPANOW. Goşgular